# Adamy jenaýat edendigi üçin öldürmek şol jenaýaty edendenem has agyr günädir

Category: Filosofiýa,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Adamy jenaýat edendigi üçin öldürmek şol jenaýaty edendenem has agyr günädir ADAMY JENAÝAT EDENDIGI ÜÇIN ÖLDÜRMEK ŞOL JENAÝATY EDENDENEM HAS AGYR GÜNÄDIR

Käte adamyň ýadyna şeýle zatlar düşýär!
Üns beriň, näme diýjek bolýaryn? Sizem şeýle düşünýärsiňiz, hemmelerem şeýle düşünýär… Gilýotin diýilýän enjamam şunuň üçin oýlanyp tapylanmyş. Şonda bir pikir serime dolupdy: Ýa şu boluş has beter bolsa näme? Bu size gülkünç bolmagam mümkin, geňem galýansyňyz. Şeýle-de bolsa käte şeýle zatlar adamyň ýadyna düşýän eken. Düşünseňizläň: Birden jebir çekdirseler näme? Şonda ejir çekersiň, ýaralanarsyň, bedeniň yza çekip, ikiýana urunar. Ýöne bütin bularyň barsy seni ruhy ezýetden daşlaşdyrar. Tä ölýänçäň ýaralaryň yzasyny çeker ýörersiň. Emma düýp we iň uly yza, belki-de, ýaralaryň berjek yzasy däldir. Iň esasy zat – bir sagatdan soň, az wagtdan soň, on minutdan soň, bir salymdan soň, ýarym minutdan soň, dem salymdan soň, edil şol pursatda ruhuň bedeniňden aýryljagyny, soň adam bolup bilmejegiňi, munuň anykdygyny, iň beteri-de munuň gutulgysyzdygyny bilmegiňdir. Ine, başyňy gilýotiniň astyna goýýarsyň, ýalaw ýaly tygyň ýokardan aşaklygyna şuwlap gelýänini duýup dursyň… ine, şol sekundyň dörtden bir bölegi iň gorkunjydyr…
Bilýäňizmi, bular meniň çeper fantaziýamyň önümi däl. Adamlaryň aglabasy şeýle diýmeýärmi näme? Muňa tüýs ýüregimden ynanýandygym üçin size gypynçsyz pikirimi açdym. Adamy jenaýat edendigi üçin öldürmek – şol jenaýatyň özündenem uly etmişdir.
Suduň karary bilen öldürmek galtamanlaryň öldürmegi bilen deňeşdirip bolmajak derejede gorkunçdyr. Gije tokaýda ýa-da

başga bir ýerde galtamanlar tarapyndan bokurdagyna pyçak direlen adamyň içinde iň soňky demde-de bolsa, halas bolmaga bolan umyt bar. Ol soňky demine çenli gaçyp ýa-da ýalbar-ýakar edip gaçyp bilerin öýdýär. Ýogsam bolmasa, duran ýerinde şol umydy bilen ölmek on esse aňsatka şol umydyny-da elinden alarlar. Şol ýerde gaçyp halas bolmaga mümkinçilik bermeýän belli bir karar öňüňde keserip durar. Içinde gorkunç yzanyň, dünýäde deňi-taýy bolmadyk yzanyň bolan karary. Uruşda bir esgeri getirip, top okunyň öňüne goýup atyp görüň. Esger şonda-da halas bolup bilme umydyny ýitirmez. Emma hut şol esgere ölüm jezasyna höküm edilýändiginiň permanyny okap beriň. Ol ýa-ha şobada aklyndan azaşar, ýa-da aglamaga başlar. Adam tebigatynyň muňa aklyndan azaşman çydap biljegini kim aýdýar? Bular ýaly gelşiksiz, ýerliksiz, manysyz masgaralamagyň nämä geregi bar? Ölüm permany okalyp, ezýet barsyny çekenden soň “Bar, gidiber, günäň geçildi!” diýlenler bardyr belkäm. Ine, bize diňe şolar düşündirip biler muny… Bu ezýeti-de, elhençligi-de Isa aýdypdy. Ýok, adam ogluna ediljek zat däl bu!

Fýodor DOSTOÝEWSKIÝ.

“Tentek” («Идиот») birinji bölümiň ikinji babyndan.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Filosofiýa